***Häzirki wagtda oba hojalyk işleriniň möhüm tapgyry bolan şu ýylyň bugdaý oragy möwsümi gyzgalaňly dowam edýär. Onuň netijeleri halkymyzyň azyk bolçulygyny üpjün etmekde ekerançylaryň ýene-de bir möhüm goşandy, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bellenilýän hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly senesine mynasyp sowgat bolar.***

Türkmen halkynyň iň gadymy ekerançylyk medeniýetiniň düýbüni tutujy halklaryň biridigini bellemek gerek. Muny ýüze çykarylan köp sanly arheologik tapyndylar hem aýdyň tassyklaýar. Müňýyllyklaryň dowamynda halkymyz özüniň baý we döwrüň synagyndan geçen ekerançylyk tejribesine daýanyp, bugdaýyň bol hasylyny ýetişdiripdir. Şunuň bilen baglylykda, eýýäm 4-nji iýunda Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynyň gallaçylary orak möwsümine girişdiler. Şu gün — 11-nji iýunda bolsa bu jogapkärli işe Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň ekerançylary hem goşulýarlar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ylmy esasda toplumlaýyn ösdürmäge we ekerançylyk meýdanlarynda ösdürilip ýetişdirilýän ekinleriň girdejililigini ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň oba hojalyk syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijilere döwlet ýeňillikleriniň dürli görnüşleri, şol sanda önümçilik harajatlaryny azaltmaga gönükdirilen ýeňillikler berilýär. Bularyň ählisi «Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda», «Däneçilik hakynda», «Pagtaçylyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki hukuk namalary bilen berkidilendir.

Şu ýylky degişli möwsümde bugdaý orujy kombaýnlar, döwrebap, ýokary öndürijilikli tehnikalar işlediler. Olary dolandyrýanlar tejribeli mehanizatorlardyr. Möwsümde göçme mehaniki-abatlaýyş toparlary gije-gündizleýin esasda bugdaý orujylaryň tehnikalaryny zerur bolan ýangyç, çalgy ýaglary, ätiýaçlyk şaýlary we hyzmatlar bilen üpjün ederler. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň barlaghanalary hem doly taýýarlyk ýagdaýynda bolup, gullugyň hünärmenleri iň döwrebap enjamlaryň kömegi bilen gelip gowuşýan bugdaý hasylynyň hilini dessin kesgitlärler.

**Aýgözel ROZYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň**
**Halaç etrap komitetiniň esasy hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026